# Deñ-duşlarym, kärdeşlerim: Gylyç Mämmedowiç

Category: Kitapcy,Sözler,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Deñ-duşlarym, kärdeşlerim: Gylyç Mämmedowiç GYLYÇ MÄMMEDOWIÇ




Biz entek ol öler öýtmeýärdik. Sagat adamyň ölümi hemişe duýdansyz bolýar. Togsanynjy ýylyň iýul aýynda onuň salkyn howlusynda oturyp, sag-aman dynç alyp gelmegini arzuw edipdik. Aýaly Aýna Gurýewnanyň biraz nähoşlandygy zerarly, olar şol ýyl Moskwanyň etegine gijräk gitmeli bolupdy. Adatça iýun gidip, sentýabrda dolanýardylar.
Hoşlaşyk agşamy Gylyç Mämmedowiçiň şähti açykdy, duz-tagama bol saçagynyň başyna ýygnanan tanyş-bilişleri, dost-ýarlary bilen degişýärdi, gülüşýärdi. Oturanlaryň hiç biri onuň ünsünden düşenokdy. Her kimiň häsiýetine kybapdaş söz tapýardy. Asyl şondan soň onuň bilen oturyşmak bize miýesser etmejek ekeni. Ol bizi ugradanda, baga bürenip oturan howlynyň daş düşelen ýodajygyndan gidip barşymyza sentýabrda gaýdyp geljek Gylyç Mämmedowiçiň öýüne ýygnanjagymyza, dynç alyşlykdan soňky dörejek täsirleri diňlejekdigimize çigit

ýaly-da şübhämiz ýokdy. Täze bir eseri gutaryp geljegine-de ynanýardyk, sebäbi onuň dynç alyşy hemişe döredijilik işi bilen utgaşykly gidýärdi. Men rus emigrantynyň durmuşyny beýan edýän uly romana başlandygyndan habarlydym. Onuň materialy ýanyndady. Altmyşynjy ýyllaryň başynda Gylyç Mämmedowiç SSSR-iň Tunis Arap Respublikasyndaky Adatdan daşary Ygtyýarly Baş ilçisi bolup işläp ýörkä, ýaşuly rus adamy özüni ilçiniň kabul etmegini soraýar. Gylyç Mämmedowiç ony kabul edýär, watandan ömürlik aýra düşüp, ýat ülkelerde durmuş ýoluny ahyrlap barýan betbagt adamyň ahmyrly gürrüňine takat bilen gulak asýar. Ýaşuly adam başdan geçren ahwalatlaryny jikme-jik ýazypdyr. Ol ýazgy umumy depderiň otuza golaýyny doldurýar. Emigrant şolary sowet ilçisine berýär. Gylyç Mämmedowiç bu depderleri juda aýawly saklaýardy, olary Soýuzyň durli ýerinden gelýän myhmanlara görkezýärdi, bu materialyň esasynda dogduk mekandan jyda düşen adamlaryň tragediýasyny görkezýän uly eser ýazmakçydygyny hem aýdardy. Ol watandan aýra düşenlere Eýranda, Owganystanda, Tunisde işlände iňňän köp sataşypdy, olaryň derdine beletdi. Emma gyzykly materialy çeper esere geçirmäge howlukmandy. Muny iki sebäp bilen düşündirse bolar. Birinjisi, entek türkmen halkynyň, gündogar ýurtlarynyň taryhy, durmuşy bilen bagly aýdylmaly pikirler, ýazylmaly eserler köpdi, olary gaýra goýmaga ýazyjynyň ynsaby çatjak däldi. Ikinji sebäp, meniň çaklamam bilen bagly. Bu ýerde islesek-islemesek, ideologiýanyň hökümzorlugyny hasaba almalymyka diýýän. Gylyç Kulyýew emigrant ýaşulynyň tragediýasyna adamçylyk jähetden düşünse-de, kommunistik ideologiýa gulluk edýändigi üçin onuň talaplaryny äsgermän durup biljek däldi. Biz her bir adama alan terbiesiniň, ýaşaýan sredasynyň täsiri bilen baglanyşykda baha bermelidiris. Adam asmandan gaçanok, ol anyk jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň täsiri esasynda ösýär, ulalýar, bilim alýar, işleýär. Şu nukdaý nazardan seredeniňde, Gylyç Mämmedowiçiň emigrantyň taryhyny soňa goýan bolmagy gaty ähtimal. Bolşewikleriň Orusýetinden gaçyp giden adamlaryň hesretine düşünmek, olara adamyň tebigaty boýunça seretmek biziň ýurdumyzda höküm süren ideologiýanyň halaýan zady däldi. Onsoňam, aýra düşenlere duýgudaşlyk bildirjek bolsaň, betbagtlyga uçran türkmenem az däldi. Biz entek şolar hakynda ynsanperwerlik bilen ýazmaga çekinýärdik. Belki, Gylyç Mämmedowiç döwrüň üýtgemegine, amatly pursatyň döremegine

garaşandyr. Döwür uýtgedi, kommunistik ideologiýanyň hökümzorlugy aradan aýryldy. Bu amata garap, Gylyç Mämmedowiç hem kalbynda ençe ýyllar bäri saklap gelen arzuwyny amala aşyrmakçy bolýar. Emma ölüm oňa ýol bermedi.
Ýazyjylar birleşmesiniň prawleniýesi Gylyç Kulyewiň mirasyny öwrenmek baradaky komissiýany tassyklandan soň, men ýazyjynyň iş kabinetindäki golýazmalar bilen gyzyklandym. Emigrantyň ömrüni beýan etmeli romanyň ýazylan sahypalarynyň garalamasy ýatyr. Bir ýüz on bäş sahypa. Olaryň käbiri maşynkada, käbiri elde ýazylypdyr. Mundan başga-da “Guljemal han” romanynyň. inssenirowkasyny garalamada gutaryp barýan ekeni.
Gylyç Mämmedowiç ýetmiş sekiz ýaşynyň içinde biziň aramyzdan gitdi. Näsag bolup düşekde ýatmady. Pylan ýerim agyrýar diýip bimaza bolup ýöreninem görmändik. Hemişe başyny dik tutup, anjaýyn geýinip gezýärdi. Diplomat gullugynyň häsiýetli alamatlaryny onuň özüni alyp barşynda häsiýetnde görse bolýardy. Sypaýydy, gürrüňdeşiniň gepini ahyryna çenli sabyrly diňlemegi başarýardy. Sähel-mähel oňaýsyzlygy degişme bilen düzlär goýbererdi. Emma derwaýys ýerinde öz pikirini aýtmagy, subut etmegi başarýardy. Öz pozisiýsyanyň dogrudygyny bilen halatynda egilşik diýen zady başarmazdy. Durmuş taýdan zyýan çekjegini bilse-de, öz pozisiýasynda berk durardy. Şunuň ýaly barlyşyksyz ýagdaý dörände käbir ylalaşdyryjylar: “Gylyç Mämmedowiç, siz diplomat adam, egilşigiň ýoluny tapaýmaly ahyry” diýerdi. Şeýle diýlende Gylyç Mämmedowiç: “Men siziň ündeýän diplomatiýaňyzy serhetden bäri geçemde goýýandyryn” diýip jogap bererdi.
Ol diplomatiýa gullugyndan dolanyp gelenden soň Türkmenistan Ylymlar Akademiýasynyň jemgyetçilik bölümine ýolbaşçy bellenipdi, emma bu ýerde uzak işlemäge oňa mümkinçilik bermändiler. Intelligensiýanyň arasynda bolgusyz gürrüňler ýaýradyp başlapdylar. “Gylyç Kulyew Moskwadan ýörite iberilenmiş, hä diýmän Merkezi Komitetiň birinji sekretarlygyna saýlanjakmyş”. Beýle gürrüňleriň peýda bermejegi, respublikanyň ýolbaşçylarynyň gulagyna ýakmajagy öz-özünden belli zat. Gylyç Mämmedowiçiň garşysyna mümkin bolan emeliň ulanyljakdygy, oňa amat döretmeli däldigi seresap adama aýan bolsa gerek. Emma Kulyýew gepden-gybatdan ýokarda durmagy başarýardy. Ol ýakymsyz sözlere gulak gabardyp ýörmän, işi bilen başagaýdy. Onuň dogruçyllygy, gönümelligi Akademiýanyň başynda duran ýolbaşçylaryň käbirine ýaramady.

Olar täze işgäriň özdiýenliligine, berk pozisiýasyna gabanjaň garap başladylar. Aýratynam merkeziň mandaty bilen gelip, akademiklik adyna, wise-prezidentlik wezipesine juda ýeňillik bilen ýeten tekepbir adamlar ýerli kadrlara baknalar hökmünde garap, özlerini hökmürowan hojaýyn derejesinde görmegi endik edinenleri üçin, Gylyç Kulyýew ýaly iki-ýeke boýun synmajak, bil bükmejek bolýanlara temmi bermäge juda döwtalapdylar. Olar Moskwanyň ady bilen Merkezi Komiteti edara edip oturan ikinji sekretardan hemişe goldaw tapýardylar. Bu saparam şeýle boldy. Gylyç Kulyýewi ulumsylykda aýypladylar. Ol syýasy taýdan bisowatlyk görkezenmiş. Hamala, rus halkynyň wekilinden wise-prezident bolup işleýän hormatly akademigi hana deňänmiş. Hakykatda welin, olaryň han kemi ýokdy, aýdan-diýenleri kanundy.
Garaz, Gylyç Kulyýewi işden boşatdylar, berk partiýa käýinjini berdiler. Şeýdibem, intelligensiýanyň arasyna ýaýraýan ýakymsyz gürrüňlerden dyndylar, arkaýynlaşdylar. Sistemanyň aýylganç güýjüni gördüňizmi! Düýn SSSR-iň Adatdan daşary baş ilçisi bolup ýören adam bu gün işsiz galýar. Milli kadrlar gerek, olary ýetişdirmeli, olara aýawly çemeleşmeli diýen şygaryň manysyz sözlerdiginn Gylyç Kulyýewiň mysalynda görse bolýardy. Şol sistemanyň içinde ösendigine garamazdan, Gylyç Mämmedowiç çaga ynanjaňlygy bilen adalaty dikelderin öýdýär, SSKP Merkezi Komitetine ýüz tutýar, onuň jogapkär işgärleriniň ýanyna baryp, sözüni düşündirjek bolýar. Edil demir gapa kesek atan ýaly. Ony köşeşdirýärler, emma adalaty dikeltmege hiç kim baş galdyrmaýar.
Belki, şonda Gylyç Kulyýewiň kalbyndaky ynanç çat açandyr, emma ony bildirenokdy. Sistemanyň aýylganç gysajyny duýmaýardy, ýa-da duýsa-da duýmazdyga salýardy. Ýüze çykýan nogsanlyklary esasan kadrlaryň käbiriniň ýalňyşlyklaryna, ýaman niýetlerine syrygdyrýardy.
Şondan on ýyla golaý geçenden soň, ýetmişinji ýyllaryň ortasynda oňa ikinji gezek zarba urdular. Bu sapar onun ýazan eserini tutaryk edindiler. Ol romanyň ady “Gijigen ökünç”. Onuň ýazlyp gutarlan wagty bilen kitap bolup çykan möhletiniň arasy on ýyldan geçýär. Näme üçin ýazyjnyň bu eserini sakladylar? Belki, ol döwlet syýasatyna garşy howuply pikirleri öňe sürendir? Ýok. Howuply pikirleriň öňe sürülmejegine awtoryň şahsyeti, ynanjy, alan terbiesi, geçen durmuş ýoly kepil geçýärdi. Gylyç Kulyýew hiç mahal

kommunistik ideologiýadan ara açmandy. Onuň ynanjyna görä, kommunist diýen ady göterýän adam dürli ýagdaýda-da lebzinde durup bilýän, öz hakyna kaýyl, ahlak taýdan päkize, kişiň mertebesine sarpa goýup bilýän, milletçilik ýaly zyýanly garaýyşlardan halas adam bolmalydy. Eýse, partiýa çleni bolup durýan millionlarça ýönekeý adamlaryň, intelligentleriň kalbynda şu ynanç ýokmudy? Bardy, emma partiýany dolandyrýan býurokratik apparat olaryň ýagşy niýetlerini hasaba almady, äsgermedi. Şu niýetleri äsgermeýän partiýa ýolbaşçysyny, goý, ol uly wezipede bolmasyn, tapawudy ýok, edebiýatda görkeziljek bolnan halatynda-da oňa juda gabanjaň garaldy, imperiýanyň çetki künjeklerinde büs-bütin ýol berilmedi. Türkmenistan hem çetki künjege girýärdi. Şu aýdylana mysal hökmünde Gylyç Mämmedowiçiň “Gijigen ökünç” romanynyň töwereginde dörän ýagdaýy almagam ýeterlikdir.

Romanda raýon partiýa komitetiniň baştutany Poladowyň ýalňyş hereketleri, şonuň sebäbinde döreýän nogsanlyklar hakynda aýdylýar. Wakalaryň geçýän ýeriniň obadalygy sebäpli, romanda oba durmuşy, onuň adamlarynyň psihologiýasy inçelik bilen görkezilipdir diýip bilmeris. Awtor muny maksat hem edinenok. Ýazyjy partiýa ýolbaşçylygynyň prinsipleri, umuman, ýolbaşçynyň ahlak derejesi hakynda mesele gozgamakçy bolupdyr. Ony-da sosialistik realizm usulynyň sowet ýazyjylaryna beren mümkinçiliginiň çäginde gozgaýar. Rast işinde kemçilikler goýberýän Poladow raýonyň partiýa komitetiniň birinji sekretary bolsa, onuň depesinde oturan obkomyň birinji sekretary ýoldaş Balkanow çeşme suwundan arassa adam, biz şolara ynanmaly diýen ideýa öňe sürülýär. Diýmek, partiýanyň zanny ummasyz päk, ýöne şol päklige ysnat getirýän Poladow ýaly iki-ýeke sekretarlar bar diýiljek bolýar. Bu many partiýa, ideologiýa tarapyndan ýazyjylara ýeten paýdy. Mundan aňryk gitmäge siziň hakyňyz ýok, gadagan edilen çäkden beýläk geçmäge hiç bir ýazyja rugsat berlen däldir! Bu ýazylmadyk kanundy, bu kanuny sowet ýazyjylary şol partiýanyň agzalary hökmünde gowy bilýärdiler. Gylyç Mämmedowiçem şolaryň biridi.

Ýazyjy romany gutaran dessine, onuň esasy ideýasyny açyp görkezýän bir bölümini “Edebiýat we sungat” gazetinde çap etdiripdi. Obkomyň sekretary Batmanow bilen raýkomyň sekretary Poladowyň duşuşygy beýan edilýärdi, Batmanow Poladowyň ýalňyş hereketlerine, etmişlerine partiýanyň adyndan baha berýärdi, berk ýazgarýardy, ony ökünmeklige, düzelmäge çagyrýardy. Bölek

Merkezi Komitetde okalypdyr, ideologiýa sekretarynyň närazylygyna, gahar-gazabyna sezewar bolupdyr. Türkmen diline düşünmeýän ikinji sekretar Wasiliý Nazarowiç Rykowa informasiýa berýärler.
Ur-tut Merkezi Komitetiň býurosynyň karary çykarylýar. Gylyç Kulyýewiň heniz çap edilip, okyja doly etirilmedik romany ideýa taýdan ýalňyş eser hökmünde gadagan edilýär. Ony "Sowet edebiýaty" jurnalyndan aýyrdýarlar, neşirýata tarap ýoluny baglaýarlar. Ýazyjylar soýuzynyň prawleniesi öz agzasy bolan ýazyjyny töhmetden, zorlukdan goramak hakda synanyşyk hem edenok, gaýta onuň şol mahalky ýolbaşçylary zorluga hemaýat berýärler. Başgaça bolup hem biler öýtmäň. Ýazyjylar soýuzy gös-göni partiýanyň ýolbaşçylygynda, onuň beýik ideýalaryny amala aşyrmak ugrunda göreşýärdi ahyry! Soýuzyň ýolbaşçylaryny hödürleýänem, çalşyrýanam partiýanyň Merkezi Komitetidi. Merkezi Komitet olary özüne agzalyga alýardy, onsoň boýun bolman bir gör-dä!
Ýene Gylyç Mämmedowiç eseri babatynda adalatly çözgüdi gazanjak bolup demir gapylary kesekläp ugraýar. Kesek demir gapylara degip pytyrap gidýär, hatda onuň sesi içerde oturanlara-da ýetenok diýse boljak. Romanyň sözme-söz terjimesini awtoryň haýyşy boýunça karardan has soň okap çykan ikinji sekretar, respublikanyň hakyky hojaýyny ýoldaş Rykow Gylyç Mämmedowiç bilen duşuşanda: "Partiýanyň raýon komitetiniň sekretaryny beýle görkezmäge seniň hakyň ýok, hiç bir ýazyjynyňam haky ýokdur" diýýär.
Gördüňizmi, höküm sürýän ideologiýanyň gazaby nähili ekeni! Dogrusy, bu saparky zarba-da gös-göni Gylyç Kulyýewe gönükdirlendi. Intelligensiýanyň arasynda özdiýenli hasap edilýän adamy şeýle urga uçuratmak bilen beýlekilere-de göz görkezilýärdi. Güýçlüni şeýdýäs, galanyňyz hakynd-a gürrüňem ýok? diýen ýowuz duýduryş berilýärdi.
Üýtgedip gurma syýasatynyň başlanmagy bilen "Gijigen öküňç" romany hakynda býuronyň kararynyň ýatyrylýandygyny býuro ýene karar etdi. Roman özbaşyna kitap bolup çykdy, emma onuň aktuallygy belli bir derejede gaçypdy. Aýdyňlyk döwründe sowet metbugatynda Kommunistik partiýanyň alyp baran syýasaty hakynda berlen paş ediji faktlary, makalalary näçe diýseň okan okyjyny Batmanowyň partiýanyň päkligi hakyndaky sözleri bilen ynandyrmak asla başa barmajak zatdy.
Gylyç Mämmedowiç Aşgabadyň ortarasynda, Berdi Kerbabaýew, Gara

Seýitliýew bilen goňşulykda ýaşaýardy. Köçesiniň ady “Oktýabr rewolýusiýasydy”. Onuň öýi bilen Ýazyjylar birleşmesiniň arasy elli-altmyş metr. Ýazyjynyň sapaly howlusynyň ümsümligi şu çola köçeden başlanýardy.

Ol prawleniýäniň mejlislerine ir hem gelmezdi, gijä-de galmazdy, wagt babatda türkmenleriň köpüsine mahsus bolmadyk takyklyk onuň endigine öwrülip gidipdi. Toý-somga, oturylyşyklara çagyrlanda-da ed-dil diýlen mahalynda barmak onuň üçin zerurlykdy.

Çola köçäniň umsumligini bozmajak bolýan ýaly ýuwaş ýöräp gelýändir. Onuň asudalygyna, arkaýynlygyna syn edip durkaň mejlisde ara alnyp maslahatlaşyljak mesele babatda anyk pikire gelendigine şübhe etmersiň.

Häzir ýaşan köçesi onuň adyny göterýär. Meýdany giň howluda iki jaý ýanaşyk otyr. Düýpkisi Gylyç Mämmedowiçiňki. Beýlekisinde döwlet işgäri, ýuridiki ylymlaryň doktory Bäşim Durdyewiň maşgalasy ýaşaýar. Tahyr Durdyew hem şu howluda önüp-ösüpdi. Soňra ol hem Gylyç dädesiniň göreldesine eýerip, onuň ýoly bilen gidipdi, diplomatiýanyň uly wezipesine, ýagny SSSR-iň Boliwiýadaky Adatdan daşary Ygtyýarly baş ilçiligine bellenipdi. Bir howludan iki ilçi. Bu fakt Türkmenistan üçin ýeke-täk wakady, beýleki ýurtlarda-da bolup durandyr öýdemok.

Gylyç Mämmedowiç bir müň dokuz ýüz altmyş dördünji ýylda Aşgabada gaýdyp gelenden soň salkyn saýaly howly onuň döredijilik mesgenine öwrülipdi, ýigrimi alty ýyl ol bir kada ykjam boýun bolup, arman-ýadaman çeper edebiýat bilen meşgul boldy. Onuň höwesine, tutanýerliligine düşünmek üçin Gylyç Mämmedowiçiň ýazyjylyk işine elli ýaşdan sod ymykly baş goşandygyny hasaba almalymyka diýýän. Durmuş tejribesi ýeterlikdi, görlen, başdan geçiren wakalar köpdi. Olary beýan etmäge, ýazyp gutarmaga indi wagt derwaýysdy. Şonuň üçinem çeper edebiýata ýaşlykdan imrigen adamlaryň höwesini Gylyç Mämmedowiç elliden soň başdan geçirmeli bolupdy. Bu höwes onuň durmuşyna täze bir many beripdi. Ony garratmadygam şol höwesdi. Onuň bilen döwlet işiniň dürli wezipelerinde bile işlän deň-duşlary iňňän çalt garrapdylar. Wezipeden aýrylan batlaryna uzak ýaşaman aradan çykypdylar, sebäbi ol adamlar eýelän wezipelerinden başga durmuş aladasy, güýmenjesi bardyr öýdenokdylar. Wezipeden giden günleri özlerini jemgyýete gereksiz adam ýaly duýýardylar, ýalňyzlygyň derdeselerine ulaşýardylar. Gylyç Mämmedowiçiň ylmy hem çeper döredijilik

bilen çyndan meşgullanmagy ony ýokarky aýdylan keselden halas edipdi.

Ol aglaba gijesine ýazýardy. Gündiz mazaly dynç almaga-da, habarçy agza hökmünde Ylymlar Akademiýasynyň işine işeňňir gatnaşmaga-da ýetişýärdi. Telim ýyl Gylyç Mämmedowiç SSSR Ýazyjylar soýuzynyň prawleniýesiniň agzasy bolupdy, Türkmenistan Ýazyjylar soýuzynyň prawleniýesiniň prezidiumynyň agzasy hökmünde döredijilik prosesiniň jümmüşinde gezipdi. Onuň pikirine, asylly maslahatlaryna gulak asylýardy.

Ýazyjynyň baga bürenip oturan öýüniň töründäki iş kabineti. Üsti ýaýraw stoluň ýeňsesindäki oturgyç boş dur. Gylyç Mämmedowiçiň diriligindäki ýaly hemme zat ýerli ýerinde. Bir gyrada ýatan goşar sagadynyň peýkamlary dokuz sagat elli minuta ýetip togtapdyr.

Başdaş ýoldaşy Anna Guryýewnanyň gürrüň bermegine görä, olaryň soňky dynç alyşy Gylyç Mämmedowiç üçin asuda bolmandyr. Ol ilki gulagynyň agralanyndan, soňra gözüniň haýallaýandygyndan şikaýat edip başlapdyr. Iň ýamanam ýazyp bilemok diýip ezýet çekipdir. Ýazmadyk gününi boş hasap edýän adam üçin bu derdiň juda aýylganççdygyna düşünseňiz gerek.

Soňabaka Aşgabada, ümsüm hem saýaly howlusyna ýetmäge howlugýar. Sentýabryň başlanmagy bilen biziň güýzümiziň eşreti özüňize belli. Ir-iýmişli howly onuň göz önünden birjik-de aýrylmadyk bolara çemeli. Moskwanyň güýçli doktorlaryna-da görünmäge isleg bildirmändir, ýeke-täk islegi çaltrak Aşgabada ýetmek bolupdyr. Olaryň samolýoty on birinji sentýabrda ir sagat onda gonýar. Gylyç Mämmedowiç ýükleriň berilerine juda bisabyr garaşýar. Garşylamaga çykan hossarlaryna-da gaýta-gaýta: “Çaltrak öýe ýetäýsek!” diýýär. Gylyç Mämmedowiçe belet adamlar üçin onuň bisabyrlygy juda geňdi. Ol howlynyň gapysyndan girişine aýagy bişen ýaly haýdap, onuň eýlesine-beýlesine aýlanyp çykýar. Aýlanyp ýörşüne aýalyna ýüzlenip: “Bi öý, bi howly maňa nähili mährem. Munyň ýaly sapaly ýer ýüzünde başga ýokdur!” diýip, iki-üç öwre gaýtalaýar. Ahyry öýüne ýetenine monça bolýar. Onuň ýürek duýgusyny beýle açyk aýan eden ýeri ýokdy. Bu ýagdaý töwerekdäkilerde, aýaly Anna Guryýewnada howsala döredýär. Olaryň howsalasy esassyz däl ekeni. Ol Aşgabada, öýüne ölmäge gelen ekeni, ajalynyň golaýlandygyny syzyp howlugan ekeni. On ikinji sentýabrda agşamara onuň saglyk ýagdaýy birden pese gaçýar, gyzgyny galýar. Syrkawhana alyp gidýärler, agşam onlarda-da jan

berýär. Bir gün öň tow alan goşar sagat ertesi eýesiniň ölen mahaly togtan bolsa gerek.
Iş kabinetindäki dubdan ýasalan agyr şkafyň içinde Gylyç Mämmedowiçiň kitaplary hatar tutup dur. Olar telim romandan, powestden, hekaýadan, pýesadan, ylmy işden ybarat. Bir makalanyň çäginde olar hakynda aýry-aýrylykda durup geçmek mümkin däl. “Magtymguly”, “Gara kerwen”, “Emiriň ilçisi”, “Gijigen ökünç”, “Ýanbermez aljirli” romanlary, sahnada goýlan pýesalary barada telim makalalar ýazyldy, çekişmeler guraldy, gapma-garşy pikirler aýdyldy. Häzir men olary gaýtalap oturman, döwruň üýtgemegi bilen edebiýata bolan täze nukdaýnazaryň hörpünde dörän käbir şahsy pikirlerimi aýdyp oňmakçy.
Durmuşy, galagoply taryhy wakalary töwerekleýin, dogruçyl görkezmekde sosizlistik realizm usulynyň mazmunyna ýugurlan synpy garaýyş sowet ýazyjylaryny, şol sanda Gylyç Kulyýewi-de çäklendirendigi bu gün bizi biçak gynandyrýanam bolsa, awtoryň söýgüsiniň baknalykda ejir çekýän halklaryň tarapyndalygy onuň kitaplarynyň gymmatyny saklajak alamatlaryň biri bolsa gerek.
Gylyç Mämmedowiçiň eserlerinde görkezilýän ýurtlaryň, wakalaryň gerimi giň. Alžir, Tunis, Eýran, Owganystan, Orta Aziýa respublikalary… Bu ýurtlarda ýazyjy diplomat hökmünde ýaşapdy, işläpdi. Gündogaryň koloniýa zulmuna düşen halklarynyň milli azatlyga, özbaşdaklyga bolan islegine, alyp baran göreşlerine janly şaýat bolupdy. Olaryň gahrymanlary bilen oturyp-turşupdy, maksatlaryny gulagy bilen eşidipdi. Ol diplomat hökmünde döwlet syýasatyna eýermeli bolsa-da, taryhçy alym hökmünde şol wakalara türkmen halkynyň taryhy ýoly bilen utgaşykly garapdy. Biz bu ýagdaýy soňra onuň ýazan ylmy hem çeper eserlerinde gördük.
Taryh ylmynda köp zat üýtgedi. Taryhy ýoýmaga ýardam eden galp syýasat aradan aýrylyp barýar. Emma şol syýasatyň hökümini ýöredýän mahalynda-da, Kulyýew taryhçy hökmünde käbir pikirleri dogruçyl aýtmakdan çekinmändi. 1974-nji ýylda “Türkmenistan” neşirýatynda çykan göwrümli ylmy monografiýasynda Rus imperializmi tarapyndan Orta Aziýanyň güýç bilen alynmagyny progressiw hadysa hökmünde görkezmegiň birtaraplylyga alyp barjakdygyny aýdypdy. Türkmen halkynyň milli azatlyk ugrundaky göreşine baha bermekde Gylyç Kulyýewde ýokarky pozisiýanyň döremegine gündogar halklarynyň göreşiniň täsir edendigi aýdyň zat. Şol göreşleriň haýsy toparlar

tarapyndan alnyp barylandygy, içki akymlaryň özara gatnaşyklarynyň nähili bolandygyny, olary düzýän adamlaryň kimlerdigini içgin bilmäge höwesek adamlar Kulyýewiň eserlerine zerurlyk duýsalar gerek. Şu babatdan diňe “Ýanbermez alžirli” diýen romanyny mysal görkezmegiň özem ýeterlikmikä diýýän. Gylyç Mämmedowiç Tunisde baş ilçi bolup işlän ýyllary azatlyk ugrunda fransuzlar bilen uruş alyp barýan alžirlileriň wagtlaýyn hökumeti Tunisdedi, onuň sowet ilçihanasy bilen ysnyşykly aragatnaşykda bolandygy gizlin däl, sebäbi Sowet Soýuzy olara kömek berýärdi. Hut şu zerarlam sowet ilçisiniň alžirlileriň içki gatnaşyklaryna, olaryň duşmanlaryna iňňän beletligi öz-özünden düşnükli.
Edebi tankyt Gylyç Mämmedowiçiň ýazyjy hökmünde türkmen edebiýatynyň tema taýdan çygryny giňeldendigini, oňa halkara wakalaryny getirendigini belläp geçipdi.
Ýazyjynyň birgiden dillere terjime edilen “Gara kerwen” romany hakynda az ýazylmady, özümem çykyşlarymda oňa degip geçipdim. Eseriň esasy üstünligi hökmünde iňlis razwedçigi polkownik Forsteriň Orta Aziýa halklary babatynda ideýa ýeňlişine sezewar bolandygyny onuň öz duýgularynda, oýlanmalarynda, etmişlerinde açyp görkezmegi awtoryň başarandygyny nygtaýardyk. Hawa, iňlisleriň bolşewiklerden ýeňilendikleri jedelsiz fakt. Emma bolşewikleriň nähili ýeňendigi bize aýanmydy? Hakykatda bolup geçen ahwalatlary biz bolşy ýaly bilýärmidik? Elbetde, bilemzok ekenik. Bize diňe bir ideologiýanyň syýasatyna bap gelýän, şoňa ýaramly, şoňa ýakymly faktlar hödürlenipdir. Gylyç Kulyýewem, beýleki ýazyjylaryň köpüsi hem şol faktlaryň esasynda ýazdylar, ony ýeke-täk taryhy hakykat hökmünde ýazdylar. Eger arhiwlere barylanda iki tarapa-da degişli bolan dokumentler beriläýen bolsady, çeper edebiýat babatynda birtaraplylygyň ýüze çykmajagy belli ahyry.
“Drujba narodow” žurnalynyň şu ýylky birinji hem sekizinji sanlarynda Wladimir Medwedewiň häzire çenli bize näbelli bolan dokumentler esasynda ýazan “Basmaçi – obreçennoe woinstwo” diýen derňew işi çap edilipdir. Ony okap çykanyňdan son basmaçylyk hereketi hakynda biziň aňymyza salnan pikirler, düşünjeler üýtgeýär. Basmaçy diýlende biz diňe galtamanlary göz öňüne getirýärdik. Olar bilen ykbalyny baglan taryhy şahslary näletleýärdik. Emma taryhy hakykat olaryň edil bize ündelişi ýaly bolmandygyny täze açylýan arhiw dokumentleriň

üsti bilen aýan edýär. Ýokarky agzalan iş hem şonuň birje şaýady. Pikir edip oturşyma, eger hakyky dokumentler öz wagtynda biziň ýazyjylarymyza berlen bolsady, olar başgarak ýazardylar diýýän. Eger hakyky ýagdaýy bilip-de, ony haýsydyr bir ideologiýanyň ündewine görä birtaraply teswirleýän ýazyjyny aklara delil galmaýar. Emma biziň köpimiz hakykatyň gözbaşyna ýetip bilmedik, başga bir hakykat bardyr öýtmedik. Biz bir ideologiýanyň gazygyna daňlyp goýlupdyk, emma onuň gazykdygyny hem aňmandyrys. Bir ideologiýanyň çygryndaky meýdança älemiň giňligini berýändiris öýdýärdik, ol bizin dar düşünjämize laýyk gelensoň, başga bir giňişligi küýsäp hem duramzokdyk. Özümizden göwümiz hoşdy, biziň göwnümiziň hoşlugyndan bizi döreden ideologiýanyň hem göwni hoşdy. Eýran, Owganystan Gylyç Mämmedowiçin durmuşynda aýratyn orun eýeleýär. Onuň diplomatiýa tarap ýoly Eýrandan, ýagny Gürgende konsul wezipesini alyp barmakdan başlanypdy. Ikinji jahan urşy döwrüni tutuş Türkmensährada geçirdi diýseň-de boljak. Türkmenleriň arasynda bolup, onuň uly işler geçirendigine şaýatlyk edýän bir dokumente men belet. Ol Eýranda ýaşaýan türkmen taýpalarynyň ýerleşişini jikme-jik görkezýän karta. Ony Gylyç Kulyýewiň özi düzüpdir. Daglary, dereleri, düzleri söküp, deryalardan, jülgelerden geçip, ýomutlaryň, gökleňleriň, nohurlaryň obalaryna, şäherlerine ýekän-ýekän aýlanypdyr. Sowet hökümetiniň wekili hökmünde olaryň halyndan habar alypdyr. Görüp-eşidenleriniň, başyndan geçiren wakalarynyň esasynda ýazyjy baryp-ha ellinji ýyllaryň başynda “Köpetdagyň aňyrsynda” atly powestini ýazypdy. Eger şu powest şol mahal ýazylmadyk bolsa, belki, Gylyç Kulyew soňra ýazyjylyga başbütin girişmezdi. Altmyşynjy ýyllaryň başynda diplomatiýa gullugy bilen hoşlaşyp, Aşgabata gaýdyp gelenden soň taryhçy alym hökmünde galan ömrüni tutuş ylma hem bagşylap bilerdi. Emma ol ýazyjylygy saýlap alypdy. Eýýäm onun başdaky şowly synanyşygy bardy, okyjlar ondan täze kitaplara garaşmaga haklydylar, ýazyjy olaryň islegini bilýärdi. Okyjylara ýetirmäge gyzykly wakalar, pikirler azlyk edenokdy.

Soňra kanuny bolup görunýän hadysanyň başlangyjy hemişe tötänlige menzeş ýagdaýdan başlanýar. Gylyç Mämmedowiçiň hem ele galam almagy şeýle bolupdy.

Eýranda birnäçe ýyl konsul bolup işläp gelen adamy ýazyjylar duşuşyga çagyrýarlar. Gyzykly söhbet edilýär. Onuň goňşy ýurt hakyndaky iňňän jikme-jik gürrüňi ýazyjylara juda täsirli

bolýar. “Sowet edebiýaty” žurnalynyň redaktory şahyr Durdy Haldurdy: “Sen şu gürrüňleriň esasynda bize kitap ýazyp ber, okyjylar hezil edip okarlar” diýýär. Gylyç Mämmedowiç çekinip durmaýar, bu kyn hem gyzykly işe baş goşýar, “Köpetdagyň anyrsynda” atly powestini ýazýar. Onuň ilkinji tejribesiniň şowly bolandygyny biz şu günem powesti okanymyzda bilýäris.
Uruş ýyllary Eýranda, Türkmensährada bolup geçen wakalary bilmekde bu kitabyň gymmaty uly. Ol çeper dokument hökmünde uzak ýyllar saklanar, çünki Eýranda bolan ýagdaýlary açyp görkezýän taryhy dokumentler çap edilmändi, çap edilenlerem türkmenlerden sowa geçýärdi.
Türkmeniň dana ogullary Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyn ýaşan ýerlerini, mazarlaryny ilki bilen şol powestleri okap göz öňüne getiripdik.
Eseriň baş gahrymany Ataýewiň mukaddes guburlaryň ýanyna barşy hakynda şeýle setirleri okaýarys: “Hemmelerden öňde barýan doktor Şarifi gabrystanlygyn orta gürpüne ýetip aýak çekdi… Ol daş-töweregine adam boýy çuňlukda garym gazylan goşa gubry görkezip:
– Ynha, şu gubruň gündogar tarapkysy Garry mollanyň gubry, günbatar tarapkysy Magtymgulynyň gubry – diýip, gamdan doly gözlerini aşak saldy.
Ataýew uzak wagtlap pikirlenip durdy. Ol nazaryny goşa mazara dikip, olaryň töweregìnden geçmişe şaýatlyk edýän alamat tapjak bolup çalyşýardy. Emma hiç hili alamat ýokdy… Ol ýuwaş gadam urup, garymyň daşyna aýlandy, gabyrlara dykgat bilen garady: gök ot basan iki tümmek toprakdan başga hiç zat gözüne ilmedi”.
Geliň, indi şu tukat görnüşi ýazmaga ýazyjyny mejbur eden durmuş hakykatyna üns bereliň.
Gylyç Kulyew ölmeziniň ön ýanynda Garrygala etrabynyň Gerkez obasynda bolupdy. Ol “Magtymguly” romanyny ýazyşy bilen bagly uruş ýyllarynda Eýranda bolan mahalyny ýatlapdy. Ýazyjy şeýle diýipdi: “Mälim bolşy ýaly, Magtymgulynyň, kakasy Azadynyň ömür sürüp, öz ölmez-ýitmez goşgularyny döredip geçen ýerleri soňky döwürde Eýrana birikdirildi. Guburlary hem şol ýerde, Aktokaý diýen obanyň golaýynda. Kyrk dördünji ýylda, häzirki SSSR-iň halk artisti Muhammet Çerkezow ikimize o taýlara ýörite baryp, Magtymgulynyň nebereleri bilen duşuşmak miýesser boldy. Bardyk, tanyşdyk, olar bize şol mukaddes guburlary görkezdiler. Ýöne şeýle bir gözgyny, idegsiz, töwerek daşlary

büdür-südür, oýmusyň, çukurmysyň. Magtymgulydyr Azady ýaly beýik ynsanlaryň mazarlary diýilse, aklyňa hem sygar ýaly däl. Agşamlyk nebereleri bilen söhbetdeş bolup: heý, bulara bir göz edip ýadygärlik etmäge mümkinçiligiňiz ýokmydy diýip soradyk. Olar hem: “ýok, serişdämiz ýok, barly adamlar bolsa gurmak islänoklar” diýdiler.
Gaýdyş ýolumyzda Welmämmet atly türkmen täjirininiňkä sowuldyk. Menem oňa eden zyýaratymyz barasynda aýdyp berdim, hem-de olara bir gowy ýadygärlik dikmäge ýagdaýyňyz ýokmy näme diýip soradym. Ol hem: “Biz üçin munuň hiç kynçylygy ýok, edil ýekeje aýyň içinde ähli gerekli zady bitirip biljek, pulumyz näçe diýseň bar, ýöne welin, hökmany ýagdaýda gubernatoryň rugsady gerekdir, sebäbi ähli beýik adamlaryň ýadygärlikleri Içeri işler ministrliginiň razylygy bilen dikeldilýändir” diýdi. Şol wagtyň özünde-de maňa ýene bir zady ýaňzytdy, ýagny, tagalla etjek bolsaňyz, bu ýerdäkilerden meseläniň çözülmegi nägümanadyr, sebäbi Eýran häkimleri Magtymgulyny derejelemek islemeýärler. Saadynyň, Omar Haýýamyň, Hapyzyň kitaplary yzly-yzyna çykarlyp dur, emma Magtymgulynyň kitaby birje gezegem çykanok. Öz biri-birimizden ýazmaça göçürşip ýörenderis diýdi.
Emma şonda-da men gubernator bilen duşuşan mahalym oňa aýtdym. Ol hatda Magtymgulynyň kimdiginem bilmeýän ekeni. Ýöne general-gubernator ýazmaça jogap ibermeklige söz berdi. Esli salym geçse-de, ondan hiç hili jogap gelmedi. Soň men general-gubernatory göremde ýene şol gürrüňi gozgadym, ol hem: “Men ýokaryk telegramma iberdim, jogaba garaşýaryn” diýip, güwä geçdi. Bütin ýyl dolandy, men gaýtmaly boldum, bu mesele ahyram jogapsyz galdy. Düşnüklem-dä, olar Magtymgulynyň adyny şöhratlandyrmak islemeýärdiler. Ine-de, biz giň tutumly toý toýlaýarys, ildeşleri bolup Magtymgulynyň başujunda aýat okadyk. Beýle zady hiç oýuňa hem getirip bolmaýardy. Biziň halkymyz şu günki gün poeziýanyň ruhy, Magtymgulynyň ruhy bilen galkynýar”.
Gylyç Mämmedowiçiň soňky sözleri segsen dokuzynjy ýylda Türkmenistandan ýörite zyýarata giden topar hakynda. Şol toparyň içinde Gylyç Kulyýew hem bardy. Döwrün üýtgemegi bilen iki ýurduň arasyndaky öňden dowam edip gelen duşmançylyk syýasaty aýrylýar. Aňyrda-da, bärde-de eziz topragyň goýnunda ýatan ägirtlere hormat artýar. Azadynyň, Magtymgulynyň türkmeniň berkarar döwleti hakyndaky arzuwlarynyň hasyl bolup

başlan günlerini görmek Gylyç Kulyýewe-de miýesser edipdi. Bu sapar ol bu ýere özygtyýarlylygyny jar eden halkyň wekili hökmünde gelipdi. Birmahalky idegsiz-gözgyny gonamçylyga derek hormatyň, aladanyň alamatlaryny görüpdi, üsti, töweregi rejelenen goşa mazara baş egip, iki döwletiň arasynda goňşuçylyk gatnaşygyň ymykly ýola goýulýandygyna begenipdi.
1992-nji ýylyň ýazynda Magtymgulynyň Eýranda ýaşaýan neberesiniň ýaşulusy Ata işan, onuň ogly Gara işan Aşgabada geldi. Men olar bilen Gylyç Mämmedowiçiň öýünde duşuşdym. Gelenler merhumyň hormatyna aýat okadylar.
Ata işan: “Aşgabat topragyna aýagymyz düşen dessine Gylyç Kuly oglunyň öýüne baryp, saçagynyň duzuny datmagy özümize parz bildik” diýdi. Soňra ol kyrk dördünji ýylda Gylyç Mämmedowiç bilen bolan duşuşyklary ýatlady. Gürrüňiň äheňinden Kulyýewe myhmanyň ýüregindäki yssy mähri, hormaty duýdum. Ýarym asyr wagt geçse-de, Eýran türkmenleriniň Gylyç Kulyýewi unutmandyklaryna, hormat bilen ýatlaýandyklaryna Ata işanyň ýatlamalary-da, soňky mahalda Türkmensähra gidip gelenleriň habarlary-da şaýatlyk edýär.
Gylyç Kulyewiň döredijilik mirasy uly. Hekaýalar, powestler, pýesalar, romanlar, bulardan daşary taryha hem çeper edebiýata degişli birgiden makala ýazdy. Taryhçy alym hökmünde ylmy monografiýalaryň awtory.
Onuň makalalary aglaba döredijilik işiniň gündelik hysyrdysyndan, zerurlygyndan döreýärdi. Ol öz eserleri hakyndaky aýdylýan pikirlere biperwaý garamazdy. Eger tankytçynyň pikiri bilen ylalaşmadyk halatynda oňa metbugat üsti bilen jogap bermäge ýaltanmazdy. Kämahal awtoryň göwnüne degmek, abraýyny gaçyrmak maksady bilen yrsarap ýazylýan makalalara üns berip oturmagyň geregi beri barmy diýen sowal ýüze çykanda, Gylyç Mämmedowiçiň matlaby, jogaby aýdyňdy: “Üns hem bermeli, gaýtawul hem bermeli – diýerdi.– Metbugat taryha galýan zat, gelejekde ony agtaryp okaýanlar, şol ýerde ýazylýan materiallara görä-de, her birimiz hakda garaýyş döremeli. Eger nädogry pikir ýazylýan bolsa, şoňa-da başga biri jogap bermese, gezek awtoryň özüne gelýär, özüň jogap beräýmeliň. Elbetde, biz ýazyjynyň bu pozisiýasyny inkär etjek bolamzok, ýöne ýazyjy üçin esasan onuň eserleri jogap bermeli diýenem bir garaýyş bar.
Gylyç Mämmedowiçiň pýesalary respublikamyzyň ähli teatrynda goýuldy. Olar aglaba proza eserleriniň esasynda ýazylypdy,

tarpdan döredilenleri hem bardy. Ýaş tomaşaçylar teatrynda goýlan “Wah, siz erkekler” atly komediýasy on ýyldan bäri sahnadan düşmän gelýär. Elbetde, komediýa ýazyp ili güldürmek örän kyn. Gylyç Mämmedowiç şony başardy. Bu üstünlik onuň şahsyet hökmünde degişmä, gülkä, ýumora düşünýändiginden gözbaş alýardy. Bu bolsa şahsyetiň gabarasynyň gindigini, belentdigini anladýan alamatdy. Muny ýazyjynyň ýoldaşlary, onuň bilen oturyp-turşan adamlar gowy bilýen bolsalar gerek, sebäbi Gylyç Mämmedowiç oturylşyklaryň bezegidi, degişmäniň, gülküniň, akylly sözleriň çeşmesi bolup bilýän adamdy.
Ýazyjynyň döredijiliginde Magtymguly temasyna aýratyn orun degişli. Bize gelip ýeten taryhy faktlaryň juda azlygy bu beýik adamyň döwrüni dogruçyl suratlandyrmakda uly kynçylyklar döredýär. Ikinjidenem, türkmenler üçin Magtymgulynyň pygambere dalaş edýän belentligi onuň obrazyna çemeleşmegiň jogapkärligini juda artdyrýar. Şonuň üçinem Gylyç Kulyewiň iki kitapdan ybarat “Magtymguly” romanyna öňi bilen batyr töwekgellik hökmünde garalyň, türkmeni ruhy taýdan birleşdiren adamyň çeper obrazyny hyzmatyna laýyk belentlige galdyrmakdan ötri, ýyllarboýy gazanylýan peýdaly tejribäniň oňaýly bir basgançagy diýip hasap edeliň.
Magtymguly hakynda ýazylan çeper eserler entek aglaba onuň döwründäki wakalary beýan etmeklige gönükdirlendir. Biz häsiýet ýazandan waka ýazanymyzy amatly gördük. Eger öň wakalary görkezmekde esasan synpy ideologiýanyň ölçegini ulalandygymyzy hem boýun alsak, biziň bärden gaýtmalarymy düşnükli bolar. Umumy keselden Gylyç Kulyýewem halas däldi. Emma onuň romany bilen bagly dörän gürrüňler Magtymgulyny has giň, çuňňur görkezmäge täze-täze ymtylyşlaryň döremegine itergi bolandyr diýmekçi. Taryhçy alym hökmünde ýazyjynyň şol döwri görkezmekdäki tagallasy öz miwesini berendir diýjek bolýan. Onuň jedel döretjek pikirleri täze açyşlara ýol açar, beýlekileri gyzykdyrar. Taryhy hakykata haýsydyr bir agalyk sürüji ideologiýanyň nukdaýnazaryndan çemeleşmeli däldigine düşünmäge esas berer.
Gylyç Mämmedowiçiň baý durmuş tejribesi, paýhasy onuň ýanyna maslahat sorap barýanlara uly bir goldawdy. Oňa ýüz tutýan az däldi. Kimdir biriniň ykbaly barasynda haýsydyr bir zerurlygy duýan halatynda ýa-da adalatsyzlyk edilendigini görende ol elinden gelen kömegi gaýgyrmazdy, zerurlygyny bilen halatynda şol adam üçin respublikanyň ýolbaşçylaryna-da ýüzlenmäge

çekinip ýa-da ýaltanyp durmazdy. Başyna agyr iş düşenleriň çykalgasyz galan halatlaryn-da: “Be-e, bolmasa, Gylyç Mämmedowiçe ýüz tutup göräýsemmikäm” diýip oturanlaryna az duşmandym. Onuň degerli goldawy Kerbabaýewe-de, Gurbansähedowa-da, Anna Kowusowa-da, Ata Atajanowa-da, Mämmet Seýidowa-da ýetendir. Bu spisogy näçe diýseň uzaltsa bolar, emma onuň özüne goltgy berilmelidir hem öýdemzokdyk. Hemmelerde onuň öz başyny özüniň çarajakdygyna mizemez ynam bardy. Ýogsa onuň durmuş ýoly dartgynly pursatlardan doludy. Özdiýenliligi, makullan pozisiýasynda üýtgewsiz berk durmagy başarýandygy hemmelere ýarap duranokdy, ony toba getirmek üçin, boýun egdirmek üçin häkimietiň güýjüni hem ulanypdylar, emma ol sarsmandy, ejizlemändi, ýüregindäkini hökümi zorlara çekinmän aýdypdy. Ol zähmetine, başarnygyna, ýazyjy hökmünde galamyna daýanýardy. Zähmete ezberdi, edýän işine ynamlydy. Pylanyny goldasam ýokarda oturanlar nähili görerkäler diýen ätiýaçdan halasdy.
Men şu ýerde özüm bilen bagly bir wakany ýatlamakçy.
1979-njy ýylda Magtymguly adyndaky döwlet baýragyna hödürlänlerinde menin aýagymdan Merkezi Komitetin birinji sekretary Gapurowyň adyna golsuz arza düşüpdi. Arzada ogullaryny sünnet etdiren adamyň belent baýraga mynasyp bolup bilmejekdigi nygtalyp, heşelle kakylýardy. Ýazyjylar soýuzynyň prawleniesiniň başlygy Täşli Gurbanow meni ýanyna çagyryp: “Partiýa çleni däldigiňe şükür et, partiýadan çykaryp ähli ýerden adyňy öçürerdiler” diýdi. Ol mamlady. Sünneti bahanalap, ýerli kadrlary zaýalamagyň gerim almagy il arasynda närazylygy, gahar-gazaby artdyrsa-da, onuň garşysyna aç-açan protest bildirýän ýokdy, sebäbi günäkär tutulýanlaryň hemmesi diýen ýaly wezipedäki kommunistlerdi, olary goldamalam wezipedäki kommunistlerdi. Nomenklaturada höküm sürýän düzgüne görä, bigünädigini bilip duranam bolsan, düýnki ýoldaşyny goramak partiýa garşy iş görmek bilen deň saýylýardy, eger ony depelemäge goltgy berseň şahsy bähbidiňe amatly bolaýmagy juda ähtimaldy. Adamçylyk jähetden raýdaşlyk ol düzgüniň tebigatyna ters gelýärdi.
Golsuz arza Ýazyjylar soýuzynyň prawleniesinde maslahata goýuldy. Bu maslahata gatnaşmagyň birnäçeler üçin juda kyndygyny olaryň bolup oturyşlaryndan aňýardym. Kisäňde partiýa bileti ýatyrka meni goldamak hatarlydy. Kimiň kimdigi şunuň ýaly ýerde bildirýän ekeni. Ýogsa, soýuzyň partiýa

guramasynyň sekretary ýazyjy Aşyr Nazarow ilkinjileriň hatarynda çykyş edip, öz pozisiýasyny aýdyp, beýan edipdi. Şular ýaly namartlyk bilen ýazylýaň golsuz arzalar zerarly ýazyjylaryn mertebesiniň kemsidilmegine üzül-kesil garşy durmalydyrys diýdi. Meniň gatnaşyp, duz-emek bolup ýören adamlarymyň käbiri öýlerinde golsuz arzalardan, sünnet meselesine çemeleşilşinden zeýrenip, oda düşýänem bolsalar, bu ýerde pozisiýalaryny aýdyp beýan etmekden çekinipdiler.
Gylyç Mämmedowiç çekinmändi, gaýta meseläni has giňeldip, Respublikada sünneti beýle çykgynsyz problema öwrüp ýörmegiň ýerliksiz ýagdaýdygyny nygtapdy, jeza çärelerini ýazgarypdy. Towşan Esenowa-da, Hanguly Taňryberdiew hem şol hörpden gopupdylar.
Gylyç Kulyewin, batyrlygy bilen bagly şunuň ýaly mysallary köp getirse bolar. Ol uly ömur ýoluny geçdi, partiýa, döwlet işlerinde uly wezipelerde işledi. Olaryň biri hakynda gysgaça aýtmagy zerur diýip bilýärin.
Ellinji ýyllaryň başynda Türkmenistanda Medeniet ministrligi döredilýär. Gylyç Kulyýewi ministr belleýärler. Şol mahal eýýäm 1955-nji ýylda türkmen edebiýatynyň hem sungatynyň Moskwada geçiriljek ongünlügine taýýarlyk başlanypdy. Bu möhum synagy abraý bilen geçirmek öňi bilen ministr Kulyewiň tagallasyna, başarjaňlygyna baglydy.
Türkmenistanda professional sungatyň ýol almagynda, onuň Ýewropa medenietine golaýlaşmagynda, dünýä arenasyna çykmagynda bu synagyň juda peýdaly bolandygyny bu gün inkär edip bolmaz. Şondan soň türkmen milli medenietiniň ýaýrawy giňäpdi, onuň görnükli wekilleriniň ady Soýuz möçberinde tanalypdy, olaryň döredijiligine üns güýçlenipdi.
Sungat işgärleri bilen ysnyşykly işlemek edebiýata ýaňy baş goşup ugran Gylyç Kulyýewe-de amatly täsirini ýetiripdi. Onda dramaturgiýa bolan höwes şol ýyllarda başlanypdy diýsek ýalňyşmarys.
Soňra ýyllar geçdi, Gylyç Kulyýew türkmeniň halk ýazyjysynyň derejesine göterildi, döreden eserleri arkaly medeniýetimiziň görnükli wekilleriniň arasynda mynasyp orna eýe boldy.
Ýanwar, 1993 ý. Ýatlamalar